# Emine Yşynsunyñ «Ak topraklar» romanynyñ gysga mazmuny

Category: Kitapcy,Romanlar
написано kitapcy | 24 января, 2025
Emine Yşynsunyñ "Ak topraklar" romanynyñ gysga mazmuny EMINE YŞYNSUNYÑ «AK TOPRAKLAR» ROMANYNYÑ GYSGA MAZMUNY

- **Eseriñ temasy**

Beýik Seljukly imperiýasynyñ gurulyşyndan Malazgirt söweşine çenli aralykda bolan söweşlerden we wakalardan söz açýar.

- **Romanyñ mazmuny**

Türkmen begi Baýyndyr beg Seljukly döwletiniñ hökümdary Alp Arslana tabynlygyny bildirýär. Ol Seljukly döwletiniñ uçbegi bolup gulluk edýär. Dowamly ýagdaýda Wizantiýanyñ içlerine ýörişler (akynlar) gurnaýar. Ilkibaşda Baýyndyr begiñ bäş çagasy baram bolsa, ýörişleriñ dowamynda olaryñ dördüsi wepat bolýar. Soñabaka Baýyndyr beg Wizantiýanyñ çäklerinde jansyzlyk işini ýola goýýar. Edil şol wagt Seljukly döwleti-de Anadolyda we Eýranyñ çäklerinde uly üstünlikleri gazanýar. Wizantiýa türkmenleriñ öñüni kesmek üçin uruş taýýarlyklaryna başlaýar. Iki tarapam çyny bilen urşa taýýarlanýar. Baýyndyr beg bolsa Roman Diogeniñ iñ ynamdar serkerdeleriniñ hataryna girmegi başarýar.
Wizantiýa goşuny Konstantinopoldan (Stambuldan) ýola düşýär. Olar ýolugra öñlerinden çykan türkmen obalaryny ýakyp-ýykýarlar. 24-nji awgustda goşun Malazgirte barýar. Seljukly döwletiniñ goşunam Malazgirte gelip ýetýär. Çaknyşyga bir gün galanda Baýyndyr beg wizantiýa goşunyndan gizlinlik bilen gaçyp Alp Arslanyñ goşunyna goşulýar. Ol seljukly goşunyna wizantiýalylar barada gymmatly maglumatlary berýär. Alp Arslan goşunyny urşa girizýär. Baýyndyr begiñ eden ummasyz kömekleri

netijesinde wizantiýalylar derbi-dagyn edilýär.

- **Romanyň gozgaýan ideýasy**

Gazanylan ýeňişleriň netijeli we hemişelik bolup galmagy döwleti döreden sistemanyň göwnejaý işläp durmagyna baglydyr.

- **Eserdäki wakalar we gahrymanlar barada**

Baýyndyr beg – döwrüniň güýçli şahsyýeti, dana we başarnyky serkerde.
Ýagmyr – Baýyndyr begiň ogly. Olam kakasy ýaly garadangaýtmaz biri.
Erdem beg – Baýyndyr beg Wizantiýada jansyzlyk edip ýörkä Ýagmyra we onuň ejesine hossarlyk eden adam.

- **Eser hakyndaky şahsy pikirler**

Roman çeper ýazylan we akgynly okalýar. Geçmişde ýaşap geçen ata-babalarymyzyň durmuşy, dilleri, urp-adatlary babatda gymmatly maglumatlary berýändigi üçin şu günüň türkmen okyjylaryna peýdaly eser hasaplap bolar.

- **Ýazyjy hakynda gysga maglumat**

1938-nji ýylyň 17-nji maýynda Karsda dünýä inen türkiýeli belli ýazyjy Emine Yşynsu türk ýazyjysy Halide Nusret Zorlutunanyň gyzydyr. Ol Ankara kolležini okap gutarandan soň, Dil we taryh, geografiýa fakultetiniň pelsepe bölüminde okap ýörkä, okuwyny taşlap ýazyjylyga başlapdyr.
Ýakynda 2021-nji ýylyň 5-nji maýynda aradan çykan ýazyjynyň käbir beýleki eserleri:
«Sanjy» («Sancı»), «Janbaz» («Canbaz»), «Atly garynja» («Atlı karınca»), «Azap topraklary» («Azap Toprakları»), «Kiçi dünýä» («Küçük Dünya»), «Güller ulalýar» («Çiçekler Büyür»), «Tutsak» («Bendi»), «Kap dagynyň ardynda», «Alp Arslan», «Hajy Baýram», «Hajy Bekdaş weli» we başgalar…

- **Romanyñ çap bolan neşirýaty**

«Ötüken» (Stambul), 1990. Täze neşiri «Bilge Kültür Sanat». Romanlar